# Deñiz gijesi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Deñiz gijesi DEÑIZ GIJESI

Gijäñ mahmal perdesiniñ astynda,
Mawy deñiz –
Duýgy bolup gaýnaýar.
Aý şöhlesi balyklaryñ gerşi deý,
Tolkunlaryñ arasynda ýaýnaýar.

Ak çägäniñ suwa batan etegin,
Sakçy kenar ýassanypdyr endigan.
Gezeýän ýyldyzlar nurly neşterin-
Ýüpek saçly gijäñ ýüreginde jan.

Salkyn şemal münüp ýelganat aty,
Söýgüläp ýör, golaý-goltumy.
Uzaklarda çarlaklaryñ ganaty,
Göze ilýär –
Göýä deñiz tolkuny.

Deñiz goýup argynlygyñ güzerin,
Oba, şäher çekýär aýagyn.
Ümsüm gije,
Imisala Hazarym,
Yralaýar, äpet mähir gaýygyn.

Kanagatly, gijäñ ýyldyz gözleri,
Mähir içýär many gözli eneden,
Ýyllar boýy…
Asman,
deñiz,
ene ýer.
Hüwdi sesi ýañlanyp dur daña çen…

Aýgül PIRLIÝEWA. Goşgular